# Hakynatutma esgerler

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Hakynatutma esgerler HAKYNATUTMA ESGERLER




Ýokary düzümli ýolbaşçylaryñ beýanatlaryna seretseñ-ä, graždanlyk urşunyñ bäri ýanyndan gaýdan Russiýadaky soñky üýtgeşmeler sebäpli «Wagner» harby kompaniýasy halkara jemgyýetçiligiñ üns merkeziniñ dik depesine oturdy. Günbatar ýurtlary soñky aýlarda, ýagny birnäçe gün öñ bolup geçen gysga wagtlyk gozgalañdan öñem «Wagner» hakda şeýle bir köp maglumatlary ýaýratdy welin, uruşda hakynatutma esgerlerden peýdalanýan diñe Russiýa ýaly etdiler. Şonuñ üçinem birtaraplaýyn maglumat hapalygyna duçar bolýarys.
Ukrainadan öñ Siriýada we Afrikanyñ dürli ýerlerinde iş alyp baran «Wagneriñ» düzümindäki esgerleriñ bu uruşda azyndan rus goşun bölümleriçe, belki-de, olardanam köp kowahada sygyşmaýan jenaýatlary edendiklerine şek-şübhe ýok. Aslynda şular ýaly paramilitar birlikleriñ gurulmagy we hakynatutma esgerlik Russiýanyñ kanunlaryna ters gelýär. Emma uruş bilen baglanyşykly habarlara seredilende, düzümindäki esgerleriñ belli bir bölegi rus türmelerindäki jezalary gutarmanka boşadylan tussaglardan ybarat «Wagner» Ukraina garşy uruşda Russiýanyñ Harby Komandowaniýesiniñ hyzmatynda uruşýan ýeke-täk harby birlik däl. Russiýadaky işleri kanuna gabat gelmeýändigi üçin kompaniýa hökmünde başga ýurtlarda gurlan «Редут», «Донской батальон», «Патриот», «Конвой» ýaly azyndan dört harby birligiñ bu urşa işjeñ gatnaşýandygy öñe sürülýär.




- **Ýeke şolar däl**

Emma halkara çaknyşyklaryň we konfliktleriň ýa-da başga ýurtlaryň çägine gurnalan harby ekspansiýalaryň taryhyny ýatlamaly bolsa, hususy kompaniýa hökmünde gurlan harby birlikleriň aç-açan ýagdaýda gyzgyn çaknyşyklarda ulanylmagy diňe ruslara mahsus däl. Aýratynam, ABŞ-da gurlan we Ýakyn Gündogardan Latyn Amerika, Afrikadan Günorta Aziýa ýaly köp sanly dartgynly regionda gönüden-göni harby çaknyşyklaryň bir tarapynda bolan ýa-da howpsuzlyk, ýakyn gorag, geňeşdarlyk, gözegçilik, tälim beriş ýaly atlandyrmalar bilen daşary

ýurtlarda ulanylan hakynatutma esgerleriñ garañky işleri boýunça hiç mahal aýdyñlaşdyrylmaýan dawa-jenjelli habarlaryñ syýasy heniz guranok.
Ýadyñyza düşýändir, bularyñ içinde Yrakdaky türmelerde we konslagerlerde adamkärçilige sygyşmaýan gynamalary bilen tanalan “Blackwater“ kompaniýasy iñ bellisidi. Aradan geçen ýyllaryñ dowamynda birnäçe gezek adyny üýtgedip, belki-de, garañky geçmişini unutdyrmaga synanyşýan kompaniýa häzir “Academi“ ady bilen işlerini dowam etdirýär. ABŞ halkara arenada iş alyp barýan iñ köp harby kompaniýaly ýurt. «Eşek eşekden galsa, gulagynam kes, guýrugynam» diýlişi ýaly, bu babatda ABŞ-dan kem galmajak bolýan ýurtlaram bar. Soñky ýyllarda Türkiýe hem şol ýurtlaryñ hataryna goşuldy. Respublikan Halk partiýasynyñ başlygy Kemal Kylyçdaroglynyñ «Türkiýäniñ Wagneri» hökmünde baha beren paramilitar «SADAT» («Uluslararası Savunma Danışmanlık İnşaat Sanayi ve Ticaret A.Ş.») kompaniýasynyñ halkara aktýor hökmünde hereket edýändigini bilmeýän ýok. 2012-nji gurlandygy aýdylýan «SADAT»-a düşünmek üçin kompaniýanyñ internet sahypasyndaky beýanatlaryna ser salmak ýeterlik: «SADAT» halkara gorag ulgamynda geñeşdarlyk, harby tälim, logistiki hyzmatlaryny edýän ilkinji we ýeke-täk harby hususy türk kompaniýasydyr. «SADAT» otstawkadaky general Adnan Tañrywerdiniñ başlyklygynda Türk Ýaragly Güýçleriniñ dürli birliklerinde işläp çykan 23 ofiserden we beýleki aşakky düzümli seržantlardyr starşinalardan düzülen. «SADAT» goranmak boýunça, ýaragly güýçleriñ we polisiýa edaralarynyñ zerurlyk duýûan islendik işini edip berme mümkinçiligine we ukybyna eýedir».
Internetiñ gözleg düwmesine basanymyzda, öñümizden çykan başga ýurtlarda gurlan hakynatutma harby kompaniýalaryñ käbiriniñ atlary:
«Asgaard» (Germaniýa), «GardaWorld» (Kanada), «Secure Plus» (Liwan), «European Security Academy – EUSECA» (Polşa), «Executive Outcomes» (Günorta Afrika Respublikasy), «Aegis Defence Services», «ArmorGroup», «Centurion Risk Assessment Services», «Global Strategies Group», «Sandline International» (bäşisi-de Angliýa), ilkibaşda «Blackwater Worldwide» ady

bilen gurlan «Academi», «CACI», «Constellis», «DynCorp», «Engility», «ICI of Oregon», «Triple Canopy» (ýedisi-de ABŞ), şeýle-de «Defion Internacional», «Strategic Resources Group», «Unity Resources Group» ýaly halkara harby kompaniýalary. Ukrainanyñam uruşda dünýäniñ dürli ýurtlaryndan hakynatutma esgerleri özüne çekendigini bilmeýän ýok.




- **Jogapkärçilikden gaçmak**

Uruşda düzgün-nyzamly goşunlary-da halkara hukuk normalaryny bozýar, adamkärçilige sygyşmaýan jenaýatlary edýär. Emma şeýle

jenaýatlaryň bir böleginiň ýüze çykarylmagy jogapkärlerden hasap soramak meselesini-de orta atyp bilýär. Düzümindäki hakynatutmalaryň aglabasy aşa ekstremistik sagçylardan bolandygy üçin berlen tabşyryklary pul üçin ýerine ýetirýän harby kompaniýalaryň garamagynda işleýän paramilitar toparlaryň işlerini sypdyrman öwrenmek bolsa mümkin däl.
Mysal üçin, öň Somalide, Nigeriýada, Yrakda iş geçirendigi hakda habarlary ýaýran nemes harby kompaniýasy «Asgaard» hem şolaryň biri. Bir döwür düzüminde diňe otstawkadaky ofiserleri ýa-da polisiýa işgärlerini däl entek pensiýa çykman işinde işläp ýörenleri-de işledýändigi ýüze çykan kompaniýanyň ýolbaşçylarynyň nemes neonasistik gatlaklar bilen ilteşikleriniň bardygy öňe sürülýär. Emma şeýle aýyplama bilen açylan derňew işlerinden hiç hili netije çykmady…

Gürsel KÖKSAL.

01.07.2023 ý. Publisistika